# Tramp Amerikanyñ isleýän prezidenti däl, ýöne mynasyp prezidenti

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tramp Amerikanyñ isleýän prezidenti däl, ýöne mynasyp prezidenti TRAMP AMERIKANYÑ ISLEÝÄN PREZIDENTI DÄL, ÝÖNE MYNASYP PREZIDENTI



*Şu günler syýasy arenanyñ her künjünde amerikanlar buýr-bulaşyk «garaşsyzlyk» duýgusyny besleýäne meñzeýär.*
*Prezident Tramp koronawirusa garşy göreş boýunça baş maslahatçysy doktor Entoni Fauçiniñ (sagda) tekliplerine gulak asmazlykda aýyplanýar (The Independent)*
Eý söýgüli Amerika, uly işleri bitirip bilme ukybyñy ýitiräýdiñ öýdýän. Sebäbi etmesi añsat zatlary etmäge höwessizdigiñizi, soñam umumy şertleri we sagdyn çykalgalary

tapmagyñ ýerine biri-biriñizi garalaýandygyñyzy anyk bilýärin.
Añsat zatlaryñ gürrüñini edenimde, noutbugyñyzyñ öñünde oturyp ýurduñ uly we añsat zatlary etme ukyplarynyñ sönmäge «Waşingtonda başlandygy» barada 800 söz ýazsañyzam bolardy.
Ýöne bu bolgusyzlyk bolardy. Bolgusyzlyklardan gaça duralyñ.
Emma dogrusyny aýtmaly bolsa, bu ýagdaý Waşington ABŞ-nyñ jynsparazlykdan örtük dakmaga, koronawirusyñ düýpli ýokanç kesel bolup-bolmanlygyndan dönükligiñ kesgitlemesine deñiç hemme ugurda beýlekin derejede ikä bölünmegininiñ bir sebäbi. (Liseýde raýatlyk düşünjesi sapagyndan okadan mugallymyma goldanyp, muny kän wagt öñ çözendigimizi hakykatdanam pikir edýärdim. Ýalñyşypdyryn).
Problemalary çözmek üçin ilki problemanyñ bardygyny kabul etmeli. Şonda islemesegem şärikdeşlerimiziñ instinktlerine ynanmaly we iñ azyndan ABŞ dörde-bäşe ýa-da 26 awtonom ýurda bölünýänçä respublikanlaryñ we demokratlaryñ biri-birlerine döz gelmäge mejburdygyny kabul etmeli. Edil häzir garşy tarapdaky kişi başga topara agzadygy üçin şübhelenilmäge we äsgerilmezlik edilmäge mynasyp.
Respiblikan prezident ykdysadyýet boýunça kanuny endişeleri duýýan bolsa-da, meniñ kesellemegime perwaýsyz garaýar. Hem Demokratik partiýadan çykan gubernator adamlaryñ kesellemegininiñ öñüni aljak bolup, meniñ üstümde tiranlyk edýär.
Köp meseläniñ, ownuk zatlaryñam bir tonna nýuansdan doludygyny entek ýatdan çykaramzok. Gyzyly, agy, gögi ýatdan çykaryñ. Biz diñe gara we ak reñki pikir edýän ýurt.
Şu hepdeden iki pursat şu setirleriñ awtoryny bir meselede ýüregimden urdy: Amerikadaky işleri ýerbe-ýer etme ruhunyñ saglygyny ýitirýändigi.
Birinjisi ABŞ-nyñ guryýer böleginde Waşingtondan mümkinfadar iñ alys ýerde bolup geçdi.
Kaliforniýada «CNN»-niñ habarçysy restoranyñ howlusynda oturan iki sany erkek adamdan reportaž alýardy. Olardan demokrat gubernator Gewin Nýusomyñ özi täzeden açylyş meýilnamasyny goýbolsun etme karary we Garaşsyzlyk gününiñ yzyndan gelýän hepdäniñ ahyryndaky günlerde plýažlaryñ ýapyk bolmagynyñ

nähili duýlandygy soraldy.
20-30 ýaşlaryndaky ýaş oglanlaryň biri «Deňiziň gyrasynda dynç alasym gelýär» diýdi. Beýlekisi ýolbaşçylaryň «bize näme etmejek zadymyzy aýtmagyna» rugsat bermeli däldigini aýtdy.
Birnäçe aýlap öýden çykman oturmak nerwiňi bozýar, ýöne kyn däl. Dermanhana gitjek bolanyňyzda ýüzüňizi 15 minutlap, ýa-da markete gideniňizde 40 minutlap ýapmak nerwiňi oýnaýar, ýöne edip bolmajak kyn zat däl.
Şu günler syýasy arenanyň her künjünde amerikanlar buýr-bulaşyk «garaşsyzlyk» duýgusyny besleýäne meňzeýär. Kowid-19 pandemiýasy bu ýerde näçe adamyň tapan ilkinji pursatynda kafe-barlary, plýažlary, restoranlary doldurjakdygyny görkezdi. Özem köplenç howpsuz aradaşlygy we örtük dakmagyň aňyrsyndaky ylmy tutaryklardyr maglumatlara pitiwa etmezden.
Erkinlik hemmeleriň bu ýerde ýaşanda näme edesi gelse edip ýörjekdigini aňladyp bilmez.
Kemçiliksiz düşündiriş: Şu setirleriň awtory geçen aý iki gezek fawori merkezine gitdi. Kesel yzarlama tagallalaryna kömek etmek üçin aragatnaşyk maglumatlaryny hödürledim. Daşarda we beýleki adamlardan mümkingadar daşrakda oturdym. Hajathanada nobata garaşyp durkam örtük dakdym. Şeýle-de ýüzümi tutup, zol gaşanmaga mejbur edip duran zat (örtük) nerwiňi oýnaýar, ýöne dakmazça däl, ullakan kynçylygy ýok. Azatlygymam, erkinligimem ýerinde.
Geçen hepdelerde Donald Trampy her gün irdenden agşama çenli şeýle ýakyndan yzarlamadan soň hökman barlara gatnamasam bolmaýardy. Prezidentiň aýdýan her bir sözi we gaharlanyp ýazýan her bir twiti bilen çözülýändigini görýäris.
Uly işleri bitirme meselesinde eroziýa uçran umytlarymyzyň ikinji mysalyny hödürlän kişi hökmünde soňky gezek öz hünärmenlerine gulak asmakdan ýüz öwren Tramp boldy.
Russiýanyň Owganystandaky amerikan ofiserleriniň kellesine pul goýandygyny habar beren amerikan gizlin gulluklarynyň berýän maglumatlary barada «New York Times» gazetine nägilelik bildiripdi. Gazetiň aýtmagyna görä, Taliban güýçleri we Talibana baglanyşykly toparlar amerikan esgerlerini öldürenleeinse sowet döwrüniň KGB-siniň häzirki oruntutary rus

GRU-syndan pul sylagyny alypdyr.
Tramp başda sesini çykarmandy. Ak Tamyň işgärleri-de hojaýynlarynyň olara ýol görkezmegine garaşmaly bolansoň, az zat aýtdy. Ahyrynda bir zatlary aýtdy. Hemme gürrüňe mediýanyň we Demokratlaryň özüni hem-de Respublikan partiýanyň tarapdarlaryny «erbet görkezmek» üçin toslaýan «ýalany» hökmünde baha berdi.
Hormatly Prezident, aýratynam meýdandaky gullukçylaryň we Langleýdäki analitikleriň uly duşmanyň amerikan esgerlerini we deňizçi pyýadalary ýok etmek üçin pul töleýändigine ynanmaklaryna sebäp tapdyrýan bolsa, kontrrazwedka siziň aýdyşyňyz ýaly işlemeýär.
Munuň özi düýpli potensial geosyýasy netijeleri döredýän düýpli tema. Trampyň etmeli işi aňsatdy: Ol dessine gizlin gulluklaryň berýän habarnamalary boýunça brifing buýrup, soňam Moskwa Owganystandaly masgaraçylyklaryny bes etmegi üçin açyk duýduryş beräýmelidi. Käbir tejribeli amerikan ygtyýarlylary eldäki maglumatlaryň habarlaryň dogrudygyna güwä geçýändigine ynanýardy.
Komanduýuşiniň kellesine goýlan pul sylaglary meselä has çynlakaý çemeleşmeli boljakdygyny görkezýärdi. Aýratynam amerikan esgerlerine öňki ähli amerikan prezidentlerinden has köp üns berýändigini öňe sürýärkä. Emma görünişe seredilende, «New York Times» gazetiniň berýän habarynyň meselesi bolanda, beýle-de bolmaýan eken.
Ýurt talabalaýyk saýlanan prezidenti gazetiň çap eden ýa-da çap etjek islendik materialyny diňe editorial sahypasyna goşulmaýandygy we baş sahypasyndaky professional habarçylyk başyna bela bolandygy üçin itden çykarjak bolup durka, nädip uly işleri bitirip bilsin? Ýa-da dünýägaraýşyna ýa bolmasa syýasy umytlaryna ters gelýän habarnamalary getirýär diýip, gizlin gullugyň hünärmenlerinden ýüz öwürýän bolsa? Ýurt prezidenti komanduýuşiý bolmakdan zyýat diňe nähili baş-garşy çykan bolup biljegini görüp durka, nädip iň maýda zatlary-da edip biler öýdýäňiz?
Ýurt pyrtykalyň reňkiniň üstünde oňuşmaýan ýa-da adamzat taryhynyň haýsydyr bir döwründen has köp oňaýlylyklara eýe

bolup durka-da öýünde oturyp bilmeýän bolsa, uly problemalaryñ nädip hötdesinden gelsin?
Şindize çenli ähli bolýan zatlar bu ýurduñ muny oñarmajakdygyny görkezýär. Koronawirus ýigrimiden gowrak ştatda möwç alyp ýaýraýar. Russiýa Waşintondan bes etmegi üçin iñ bärkijesindenem bolsa jemgyýetçilige açyk ýeke duýduryşyny almady.
Yzly-yzyna geçirilen pikir soralyşyklary Trampyñ indi Birleşen Ştatlaryñ isleýän prezidenti däldigine yşarat edýär. Emma koronawirusyñ täzeden möwjemegi onuñ ýene bir gezek we bize ýurdumyza mynasyp prezidentdigini görkezýär.
Ol – Amerika. Onuñ çapraz, başyna giden kakabaş ruhy täze amerikan ruhy.

Jon BENNETT.

Şenbe, 11.07.2020 ý. Publisistika